**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**

**TÜRKMENISTANYŇ BEDENTERBIÝE WE SPORT BARADAKY DÖWLET KOMITETI**

**TÜRKMENISTANYŇ MILLI TALYPLAR SPORT FEDERASIÝASY**

**“TASSYKLAÝARYN”**
**Türkmenistanyň Milli talyplar sport federasiýasynyň başlygy**
**_____________ H.Nunnaýew**
**“26” Noýabr 2024 ý.**

**“Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyp ýaşlarynyň arasynda Halkara Bitaraplyk güni mynasybetli sportuň innowasion ugurly fijital we kibersport görnüşlerinden ýaryşlaryň**

## D Ü Z G Ü N N A M A S Y

## I. ÝARYŞLARYŇ MAKSADY WE WEZIPELERI

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň we Gahryman Arkadagymyzyň Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanda sportuň ähli görnüşlerini ösdürmek we ussat türgenleri ýokary derejede taýýarlamak barada berýän tabşyryklaryndan ugur alyp, ýokary okuw mekdebimizde 2024-2025-nji okuw ýylynda sportuň innowasion ugurly fijital görnüşi açyldy. Sportuň fijital we kibersport görnüşleri sport ulgamynda innowasion tehnologiýalaryň, emeli aňyň, AR-VR tehnologiýalarynyň netijeli ulanylyşyny ýola goýmakda möhüm orny eýeleýär. Häzirki zaman dünýäsinde sport ulgamyna sanly tehnologiýalaryň giňden ornaşdyrylmagy, türgenleri taýýarlamak işleriniň ylmy esasda alnyp barylmagy, türgenleşiklerde maglumat ulgamlaryna we tehnologiýalaryna giň orun berilmegi, ýaşlaryň arasynda sportuň innowasion görnüşlerinden peýdalanmagyň meşhurlygynyň has-da artmagy, kibersport, fijital-sport ýaly sportuň sanly tehnologiýalar bilen bagly ugurlarynyň dünýäde uly meşhurlyga eýe bolmagy bilen häzirki zaman sport ylymlary ösüşlere beslenýär.

Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynda sportuň fijital we kibersport görnüşlerinden geçiriljek ýaryşlar 2025-nji ýylda Birleşen Arap Emirliklerinde geçirilmegi meýilleşdirilýän “Geljegiň oýunlary – 2025” atly halkara ýaryşynyň saýlama tapgyrlaryna gatnaşjak zehinli türgenleri ýüze çykarmaga ýardam eder. Bu ýaryşlaryň esasy wezipesi ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda hoşniýetli gatnaşyklary berkitmekden, sanly ulgamy netijeli peýdalanmaga gönükdirmekden, ýaşlaryň fiziki işjeňligini ýokarlandyrmaga ýardam bermekden, bu ugurda zehinli türgenleri ýüze çykarmakdan, sanly sport boýunça özara tejribe alyşmak üçin mümkinçilikleri döretmekden ybaratdyr.

## II. ÝARYŞYŇ GEÇIRILÝÄN SENESI WE ÝERI

Ýaryşlar ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda 2024-nji ýylyň 2-7-nji dekabry aralygynda Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň Sportuň olimpiýa görnüşleri fakultetiniň köpugurly sport toplumynda we fijital sport otagynda geçirilýär.

Toparlaryň wekilleriniň maslahaty 2024-nji ýylyň 2-nji dekabrynda sagat $15^{00}$-da Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň mejlisler zalynda geçirilýär.

## III. ÝARYŞLARYŇ DÜZÜMI

1. Fijital-futbol – düzümi 7 oglan
2. Fijital-basketbol – düzümi 4 oglan
3. Fijital-stol tennisi – düzümi 2 oglan
4. Fijital-küşt – düzümi 2 oglan
5. Kibersport (Counter-Strike: Global Offensive) – düzümi 5 oglan

## IV. ÝARYŞA GATNAŞYJYLAR

Sport ýaryşlaryna gatnaşmaklyga bedenterbiýe we sport türgenleşik sapaklaryna lukmançylyk netijeleri esasynda bellenen nusgada goýbermeklige rugsady bolan, bedenterbiýe-sport türgenleşik sapaklaryna yzygiderli gatnaýan talyplar goýberilýär. Ýaryşa gatnaşyjylar ýokary okuw mekdebiniň tassyklanan sport geýiminde bolmalydyr.

## V. ÝARYŞYŇ ÝEŇIJILERINI KESGITLEMEK

Ýaryşlar Halkara Kibersport federasiýasynyň (IeSF) we Bütindünýä Fijital jemgyýetiniň (WPC) umumy talaplaryna görä geçiriler.

## VI. ÝEŇIJILERI SYLAGLAMAK

Baýrakly orunlary eýelän toparlar Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport instituty we Türkmenistanyň Milli talyplar sport federasiýasy tarapyndan taýýarlanan ýadygärlik sowgatlary we Hormat hatlary bilen sylaglanarlar.

## VII. ISLEGNAMALARY TABŞYRMAKLYGYŇ TERTIBI

Gatnaşyjylaryň ýanynda lukmanyň we guramanyň ýolbaşçysynyň goly we möhüri bilen tassyklanan suratly resminamalarynyň bolmagy hökmandyr. Ýaryşa gatnaşmak üçin esasy islegnamalary guramaçylyk ýygnagynda lukmanyň rugsady we sport klubunyň goly hem-de möhri bilen tabşyrmalydyr.

Ýaryşlary geçirmegiň umumy ýolbaşçylygy Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň jogapkärçiligine tabşyrylýar.

*Bellik:* Düzgünnama laýyklykda, toparlara sport klublar jogap berýärler. Her bir ýolbaşçy sport ýaryşlarynyň dowamynda öz toparynyň tertip-düzgünine we arassaçylyk talaplaryny berjaý etmegine doly jogapkärçilik çekýär.

Ýaryşlara gatnaşyjylar baradaky maglumatlar 2024-nji ýylyň 30-njy noýabryna çenli aşakda görkezilen sanly hasaba alyş ulgamy arkaly ibermeli. Şu Düzgünnama geçiriljek ýaryşlara resmi çakylykdyr.

*Ýokary okuw mekdebiniň ady*

***“Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyp ýaşlarynyň arasynda Halkara Bitaraplyk güni mynasybetli sportuň innowasion ugurly fijital we kibersport görnüşlerinden geçiriljek ýaryşlara gatnaşyjylar barada MAGLUMAT***

| *T/b* | *Familiýasy, ady, atasynyň ady* | *Hünäri we ýyly* | *Sanly we hereketli sport görnüşi* | *Telefon belgisi we elektron salgylary* |
|---|---|---|---|---|
| 1. | | | | |

**Sanly hasaba alyş:**

+993 12 22-65-37
+993 12 22-65-70
tdbsi@sanly.tm
http://www.tdbsi.edu.tm
744013, TÜRKMENISTAN, Aşgabat şäheri,
Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly, 40-njy jaý.

**Habarlaşmak üçin maglumatlar:**
Telefon: (+99312) 22-65-37, +993-65-65-49-28
elektron poçta: tdbsi@sanly.tm

## VIII. SPORTUŇ INNOWASION UGURLY FIJITAL WE KIBERSPORT GÖRNÜŞLERINDEN ÝARYŞLARYŇ DÜZGÜNLERI

### Fijital-futbol

EA SPORTS FC 24 5X5 FUTZAL

*Geçirilýän wagty:* 2024-nji ýylyň 2-7-nji dekabry aralygynda, sagat 14:00.

*Geçirilýän ýeri:* Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň Sportuň olimpiýa görnüşleri fakultetiniň Köpugurly sport toplumy.

Fijital-futbol sanly we hereketli görnüşde 2 tapgyrda geçirilýär.

*I. Sanly tapgyr (futbol wideo oýun simulýatory: EA Sports FC 24).*

Kompýuter oýnunda 4 sany oglan türgen gerek. Oýun iki tapgyrdan ybarat. Her tapgyr 3 minut dowam edýär. Birinji tapgyrda her topardan 2 oýunçy garşydaşy bilen sanly ulgamda futbol oýnaýar. 3 minutdan soň oýunçylar çalyşýar we beýleki 2 oýunçy ýene-de 3 minut elektron oýny dowam edýär. Hasap näçe bolup gutarsa, meýdançada hereketli usulda onuň yzy dowam etdirilýär.

*II. Hereketli tapgyr (5x5 futzal).*

Futzalda her topardan 5 oýunçy oýnaýar. 2 oýunçy ätiýaçda saklanýar. Hereketli futbol oýny-da iki tapgyrda oýnalýar. Her tapgyr 5 minut dowam edýär.

*Bahalandyrmak.*

Eminler tarapyndan sanly we hereketli oýnuň jemleri goşulýar we ýeňiji topar yglan edilýär. Oýun deňme-deň tamamlanan ýagdaýynda jerime urgular oýnuň ykbalyny çözýär.

### Fijital-basketbol

NBA 2K24 BASKETBOL

*Geçirilýän wagty:* 2024-nji ýylyň 2-7-nji dekabry aralygynda, sagat 14:00.

*Geçirilýän ýeri:* Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň Sportuň olimpiýa görnüşleri fakultetiniň Köpugurly sport toplumy.

Oýun sanly we hereketli görnüşde 2 tapgyrda geçirilýär. Oýna her topardan 4 oýunçy gatnaşýar.

*I. Sanly tapgyr (basketbol wideo oýun simulýatory: NBA 2K24).*

Oýna her topardan 2 oglan türgen gatnaşýar. Olar garşydaşy bilen kompýuterde basketbol oýnunda wirtual dünýäde bäsleşýärler. 8 minudyň dowamynda toplanan utuk sany hasaba alynýar.

*II. Hereketli tapgyr (3x3 basketbol).*

Oýnuň dowamy 3x3 basketboluň düzgünlerine laýyklykda, hakyky basketbol meýdançasynda bir halkadan top geçirmek şertinde alnyp barylýar. Her topardan ýaňky 3 oýunçy (goşmaça 1 türgen ätiýaçlykda) basketbol meýdançasynda 10 minutyň dowamynda oýny dowam etdirýär.

*Bahalandyrmak.*

Sanly we hereketli oýunlarda gazanylan utuklar goşulýar we netije çykarylýar. Oýun deňme-deň tamamlanan ýagdaýynda tä ýeňiji belli bolýança, basketbol meýdançasynda oýnuň düzgünine görä, her topardan bellenen aralykdan üç oýunçy gezekli-gezegine halka jerime topuny oklamak arkaly ýeňiji belli edilýär.

**Fijital-stol tennis**




VR ELEVEN TABLE TENNIS ROBO-PONG STOL TENNIS

*Geçirilýän wagty:* 2024-nji ýylyň 2-7-nji dekabry aralygynda, sagat 14:00.

*Geçirilýän ýeri:* Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň Sportuň olimpiýa görnüşleri fakultetiniň Köpugurly sport toplumy.

Fijital-stol tennis oýny sanly we hereketli görnüşde 3 tapgyrda geçirilýär.

Oýna her topardan 2 oglan türgen gatnaşýar.

*I. Sanly tapgyr (stol tennis wideo oýun simulýatory: VR Eleven Table Tennis).*

Sport düzgünlerine laýyklykda, 1 döwüň dowamynda 11 utuga çenli VR Eleven Table Tennis oýun simulýatory arkaly stol tennis oýny geçirilýär. 1 döwüň dowamynda toplanan utuk sany hasaba alynýar.

*II. Sanly tapgyr (stol tennis türgenleşdiriji elektron enjamy: "Robo-Pong").*

"Robo-Pong" stol tennis türgenleşdiriji elektron enjamynda berlen ýumuşda 30 topy yzyna gaýtarmaly. Umumy 6 utuk berilýär we ýitirilen topuň sanyna görä umumy utukdan kemeldilýär (5 ýitirilen topa 1 utuk kemeldilýär).

*III. Hereketli tapgyr (stol tennis).*

Bu tapgyrda 5 minutyň dowamynda stol tennisde (her topardan 2 oýunçy, 2x2) oýun dowam etdirýär. Bu tapgyrda toplanan utuk hasaba alynýar.

*Bahalandyrmak.*

Sanly we hereketli oýunlarda gazanylan utuklar goşulýar we jemlenilip, netije çykarylýar.

## Fijital-küşt



BATTLE VS CHESS

+



KÜŞT

*Geçirilýän wagty:* 2024-nji ýylyň 2-7-nji dekabry aralygynda, sagat 14:00.

*Geçirilýän ýeri:* Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň Sportuň olimpiýa görnüşleriniň fakultetiniň binasy.

Fijital-küşt oýny sanly we hereketli görnüşde 2 tapgyrda geçirilýär.

Oýna her topardan 2 oýunçy gatnaşýar.

*I. Sanly tapgyr (küşt wideo oýun simulýatory: Battle VS Chess).*

Sport düzgünlerine laýyklykda küştçi türgen Emeli aňa garşy utuk toplamaga synanyşýar.

*II. Hereketli tapgyr (küşt).*

Bu tapgyrda garşydaş bilen küşt oýny dowam etdirilýär we oýun jemlenýär.

*Bahalandyrmak.*

Sanly we hereketli oýunlarda gazanylan utuklar goşulýar we jemlenilip netije çykarylýar.

## Kibersport

CS GO

**COUNTER-STRIKE: GLOBAL OFFENSIVE**

*Geçirilýän wagty:* 2024-nji ýylyň 2-7-nji dekabry aralygynda, sagat 14:00.

*Geçirilýän ýeri:* Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň Sportuň olimpiýa görnüşleri fakultetiniň Köpugurly sport toplumynyň fijital sport otagy.

“Counter-Strike: Global Offensive” kibersport ýaryşy sanly tapgyrda toparlaýyn 5 talyp türgeniň gatnaşmagynda geçirilýär.

Ýokary okuw mekdeplerden gatnaşýan toparlar bije çekmek esasynda garşydaşlaryny kesgitleýärler. Ýaryşlara gatnaşyjylar Halkara Kibersport federasiýasynyň (IeSF) we Türkmenistanyň Milli elektron sport federasiýasynyň (TMESF) kesgitlenen talaplaryna laýyklykda taýýarlanan talaplar esasynda bäsleşerler. Mümkinçilige görä toparlaryň ýaryşlara onlaýn we offlaýn usulynda gatnaşmagyna rugsat berilýär.

**“Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy” ýylynda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyp ýaşlarynyň arasynda Halkara Bitaraplyk güni mynasybetli sportuň innowasion ugurly fijital we kibersport görnüşlerinden ýaryşlaryň**

**MEÝILNAMASY**

| T/b | Çäreleriň ady | Geçirilýän ýeri we wagty | Gatnaşyjylar |
|---|---|---|---|
| **2024-nji ýylyň 2-nji dekabry, duşenbe** | | | |
| 1. | Ýaryşyň guramaçylyk ýygnagy | Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň mejlisler zaly, sagat 15:00 | Ýokary okuw mekdepleriň talyplar sport klublarynyň jogapkärleri, bedenterbiýe kafedralarynyň wekilleri |
| **2024-nji ýylyň 2-7-nji dekabry aralygynda** | | | |
| 2. | Sportuň innowasion ugurly fijital (fijital-futbol, fijital- basketbol, fijital-stol tennisi, fijital-küşt) we kibersport (Counter-Strike: Global Offensive) görnüşlerinden ýaryşlar | Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň Sportuň olimpiýa görnüşleri fakultetiniň köpugurly sport toplumy we fijital sport otagy, sagat 14:00 | Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň we ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplary |
| **2024-nji ýylyň 7-nji dekabry, şenbe** | | | |
| 3. | Sportuň innowasion ugurly fijital we kibersport görnüşlerinden ýaryşlaryň jemlenmegi we ýeňijileri sylaglamak dabarasy | Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň Sportuň olimpiýa görnüşleri fakultetiniň köpugurly sport toplumy, sagat 15:00 | Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň professor-mugallymlary, talyplary, ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň wekilleri |

**Sanly hasaba alyş:**


+993 12 22-65-37 +993 12 22-65-70

tdbsi@sanly.tm http://www.tdbsi.edu.tm

744013, TÜRKMENISTAN, Aşgabat şäheri,
Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly, 40-njy jaý.

**Habarlaşmak üçin maglumatlar:**
Telefon: (+99312) 22-65-37, +993-65-65-49-28
elektron poçta: tdbsi@sanly.tm